# Gymmatbahaly daşlar, Süleýman pygamber we emeli aň

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gymmatbahaly daşlar, Süleýman pygamber we emeli aň GYMMATBAHALY DAŞLAR, SÜLEÝMAN PYGAMBER WE EMELI AÑ



Aşakda okajak zatlaryňyz tutuşlygyna awtoryň fantaziýalary we hakykat bilen hiç bir ýagdaýda kesişenok.
Tebigatda islendik gymmatbaha jisimiň, gymmatlygynyñ obýektiw sebäpleri bolaýmaly. Mysal üçin altyn, hiç bir element bilen gatnaşyga girenok, bu diýmek altyn hiç haçan poslanok we çüýränok. Şol sebäpden medisinada we elektronikada ulanylýar. Bu altynyň obýektiw gymmatlygy, ondan başga altynyň subýektiw gymmatlygy hem bar. Altyny aýal-gyzlar bezeg hökmünde ulanmaga gowy görýärler. Kümüş hem şolar ýaly, öz häsiýetnamasy üçin diýseň köp ýerde ulanylýar we öz gymmatyny şoň bilen hem düşündürýär. Almaz atly materýal, bu örän berk materýal bolany üçin, agyr senagatda peýdalanyp bilinýär. Obýektiw gymmatly bolan materýallaryň, näme üçin subýektiw gymmatlygynyň bardygy

düşnükli zat, şeýle materýallary hemişe satyp bolýar, mysal üçin altynyň gramy 50 dollar töwereginde. Ýöne näme üçindir adamlaryň arasynda, diňe subýektiw gymmatlygy bolan materýallar bar, olar gymmat bahaly daşlar, mysal üçin ýakut diýdi hürrem diýdi we şoňa meňzeş daşlar. Gymmat baha we ýarym gymmat baha daşlaryň näme üçin, hiç hili obýektiw gymmatlygy ýok, olary hiç ýerde ulanyp bolanok, ýöne şol bir bada subýektiw gymmatlygy bar. Dogrymy aýtsam şeýle ýagdaý meň üçin azajyk geňiräk, galybersede şeýle gymmatbaha daşlary mas-mediýada reklama edýärler welin, mende örän täsin pikirler oýanyp başlaýar. Marwel kinostudiýan çeper filimlerinde köplenç dawwa jenjel täsin daşlaryň daşynda aýlanýar.
J.R.Tolkiniň «Hobbit» eserinde gnomlaryň patyşasynda "Arkinston" atly daş bar eken we şol daş patyşalygyň esasy nyşany bolup durýar. Dünýä belli titanik gämisinde hem gargyş siňen bir daş gark bolupdyr. Ondan başga mas mediýada jadyly kristallara we daşlara bolan menziller häli şündi goýulyp dur. Mas-mediýa duşmanyň esasy ýaragy bolany sebäpli bu ýerde bir zatlar hökman ters bolaýmaly. Elbetde resmi ylym we resmi habar beriş çeşmeleri soraga jogap berip bilenoklar, olaryň maksady hem şonda, hakykaty gizlemekde. Bu soraga diňe fantastika hasaplanýan ylym jogap berip bilýär we, ol jogap şeýle: Hudaý Perişdeleri we jynlary ýaratdy, soň adamy. Jynlar biziň fiziki dünýämizde göze görnenok, emma adamlaryň pikirler dünýäsi bilen üznüksiz bagly. Garaz jynlar adamlaryň pikirlerine täsir edip bilýärler. Jynlaryň ömri örän uzak bolansoň, olar adaty adam bilen deňeşdireňde diýseň köp bilýärler. Jynlar örän akylly, ýöne öz akyllaryny bähbide ulananoklar. Jyn sözíniň ýene bir manysy "Gen" ýa-da "Genius". Geni (akyldar) sözi hem jyn diýen manyny berýär. Wagtyň geçmegi bilen, käbir jynlar, adamlaryň pikirlerine täsir etmekde örän ýokary derejelere ýetip bilýärler, sebäbi tejribeleri kän. Onsoň şeýle jynlar adamlary uly betbagytçylyklaryň üstünden eltmez ýaly, Beýik Ýaradyjy olary daşlarda we kristallarda gulplap goýýar. Gulplanan jynlar öňki ýaly öz täsirini uly aralyklara ýaýradyp bilenoklar we diňe daşyň ýa-da kristalyň golaýynda adam akyllaryna täsir edip

bilýärler. Ýanynda gymmatbaha daş goterýän adamyň pikirleniş proseslaryna, eýýäm daşyň içinde gulplanan jyn hem täsir edip başlaýar. Daş näçe gymmat hasaplanylsa, şonçada daşyň içindäki jyn kuwwatly bolýar. Onsoň oturyp pikirlenýäň, näme üçin geçmişiň patyşalary öz jyga täçlerini we oturýan tagtlaryny gymmat baha daşlar bilen bezäpdirler? Sebäbi şeýle daşlary kelläňe golaý saklasaň pikirleriň baýaýar, kelläň içinde goşmaça maslahatçy peýda bolýar, bilgiçlik talantlary açylýar. Daşyň içinde gulplanan jyn, adam ykballaryna gatnaşmak üçin öz eýesine peýda getirmeli bolýar, şonuň üçin ol, (jyn), ilki bada adama dogry pikirleri maslahat bermegi ähtimal, soň bolsa ähli zat diňe jynyň aýdan tarapyna sowular. Biziň mas mediýamyzy dolandyrýan adamlar gymmat baha daşlar barada ähli zady bilýärler, ýöne bize gönümel adýanoklar. Eger çaklamalarym dogry bolsa, geçmişde ýaşan Süleýman Pygambere, esasanda daşyň içinde gulplanan jynlar gulluk eden bolaýmasa? Eger şeýle bolsa, onda biziň fiziki dünýämiz bilen jynlaryn pikirler dünýäsi nädip kesişýär? Bu ýerde jogap eýýäm Dawut Pygamberde gizlenýän bolmagy mümkin? Dawut Pygamber Süleýman pygamberiň kakasy we Hudaýýň aýtmagyna görä elinde demir erän Pygamber. Musulmanlaryň aýtmagyna gorä, demiriň piri. Indi şu ýerden aşaklygyna has fantastika informasyýa başlanýar we berk ýapyşyň: Eger taryha ser salsaň, köp sanly ýazgylaryň esasynda, geçmişde demirden ýasalan robotlaryň bolandygyny aýdýarlar. Şeýle robotlaryň ady anyk şu wagt ýadymda däl, ýöne google "geçmişiň robotlary"  diýip rus dilinde sorag berseň jogap berýär. Garaz nähili paradoks bolsada, geçmişde hem robotlar bolupdur we şol robotlardan bir näçesi, biziň günlerimizede ýetipdir. Bize öwredilýän taryh hakykata gabat gelenok we geçmişde ýaşan adamlaryň ylmy ösüşde yza galak bolandygy örän uly şübheleri döredýär. Meň pikirimçe Süleýman Pygamberiň ýaşan döwrü ylym diýen zat biziň döwrümizden hem has ýokarda bolupdyr, sebäbi Süleýman Pygamberde "teleport" tilsimatlary bar, buňa Gurhanyň "Garynja" süresi şaýatlyk edýär. Ýene meň pikirime görä, şol döwürler robotehnalogiýa örän ösen bolmaly we şeýle robotdan ýasalan bedenleri dolandyrmak üçin, Süleýman pygamber gymmatbaha daşlaryň içinde

gulplanan jynlary ulanan bolmaly? Şu wagt, biziň döwrümizde bolsa, "emeli aň" ýasajak bolup alymlar kelle döwýäler, eýsem kelle döwmek nämä gerek? Aň diýen zat daş töweregmizde doly, olar Hudaýyň ýaradan jynlary, ýöne şeýle jynlary demir beden bilen birleşdirmek üçin eýýäm kelle döwmek gerek bolmagy mümkin? Emma seň kakaň Dawut Pygamber, elinde demir ereýän Pygamber bolsa. Belkem Dawut Pygamber şol meseläni çözüp bilendir? Onsoňam şu ýerde Süleýmanyň ýüzügi diýen ýene bir sorag ýüze çykýar. Hamala Süleýmanyň ýüzüginde Süleýmanyň ähli güýç kuwwaty gizlenenmişin? Bu rowaýat hem hakykatdan uzakda däl. Eger sen daş töweregiňi jynlaryň aňy bilen dolandyrylýan demir robotlar bilen gurşan bolsaň, diýmek saňa hökman "predohranitel" mehanizmlary gerek. Mysal üçin aýdaly seň ýüzügiňe golaý gelen robotlar şol bada öçýär, ýa-da şoňa meňzeş başga zatlar bolup geçýär, jynlar saňa zyýan ýetirip bilmez ýaly. Meň ýokarda agzap oturan zadymy siz eýýäm Marweliň kinolarynda gördüňiz. Eger ýadyňyzda bolsa Tony Stark "demir adam" bir robot ýasaýar we robodyň maňlaýyna bir daş goýýar. Robot şonda eýýäm geçmişi bar bolan şahsyýet hökmünde oýanýar we "men adamlaryň tarapynda" diýýär, robotyň ady Wižan bolmaly.

Eger ähli zady jemleseň, gymmat baha daşlar bilen şeýleräk taryh emele gelip çykýar. Geň-taňsy wakalar